# Ýene sen hakda…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýene sen hakda… ÝENE SEN HAKDA…



Gozgaman kalbyňy, dertli ýaraňy,
Oňa melhem kimin siňesim gelýär.
Çagba bolup ýagyp, ýuwup garany,
Dünýäni tämizläp diňesim gelýär.
Höwes uçguny bar gara gözleňde,
Men onuň umydy bolmak isledim.
Arman däl-de aýdym bolup sözleňde,
Dünýäňe bagt bolup dolmak isledim.

Gözlerimi baglan süýji ýalanyň,
Ajy hakykatyn görýärin sende.
Seniň bilen geçse besdir ýyl, aýym,
Gaşsyz göz men, sen bolmasaň eger-de.

Hawa, janym, sensiz ýaşap bilmerin,
Sensiz duman ýaly ömrüň dowamy.
Indi saňa şygrym okap bermerin,
Gozgaman kalbyňy, dertli ýaraňy. Goşgular